# Uýamyň çokdurisi (Koreý halk hekaýaty)

Category: Hekaýalar
написано kitapcy | 10 июля, 2025



***(Çokduri – toý dabarasynda gelniň geýýän başgaby.)***

***(Koreý halk hekaýaty)***

Öýüň içini toýa niýetlenip taýýarlanýan naz-nygmatlaryň ysy doldurypdy. Datly naharyň ýakymly ysy süýji ukuda ýatan Punini oýardy.

– Wah, meniň ajygaýşymy! Bu nämäniň ysyka! Wiý, ýogsa-da ertir

uýamyň toýy ahyryn – diýip, ol agzyny şapbyldadyp gepledi.

Hemmeler biş-düş bilen başagaýdy. Aşhana ylgap baran Puni gözlerine ynanmady. Aşhananyň içi her dürli datly tagamlardan doludy – bugaryp duran tüwi, heýgenek, miwelerden taýýarlanan süýjüler… garasaý, guşuň süýdünden başga hemme zat bardy.

– Bularyň ählisi meniň gowy görýän naharlarym ahyryn! – diýip, Puniň elini süýjüliklere uzadanam şoldy welin, daýzasy ýuwaşlyk bilen eline kakyp goýberdi.

– Bular toý saçagy üçin niýetlenen.

Gahary gelen Puni kemşerjek ýaly etdi. Şol wagt daşardan goh sesleri eşidildi. Daýzasynyň ýüzüni sowanyna mähetdel, Puni bir süýjini garbap aldy-da, öýde oturan enesiniň ýanyna ylgap gitdi. Enesiniň öňünde düwünçege düwlen uly guty bardy.

– Ene, bu guty näme?

– Muňa ham ***(Ham – içine toý haty we nika şertnamasy salnyp, oglan tarapyň gyz tarapa ugradýan gutusy.)*** – toý bukjasy diýilýär, balam. Hamyň içinde gudalaryň toý üçin ugradan haty we nika şertnamasy bar – diýip, enesi emaý bilen Puniniň elini gysdy.

Gyzjagaz bökjekläp, uýasynyň ýanyna bardy-da:

– Uýam, uýam, toýuňda ulanyljak ham geldi! – diýip gygyrdy.

Uýasy öýüň túründe hanbok ***(Hanbok – koreý milli eşigi.)*** – milli geýimini geýip, sülmüräp otyrdy.

– Waý, munuň owadandygyny – diýip, Puni kiçijik barmaklary bilen uýasynyň hanboguny sypady. Şonda owadan lybasdan çykan şowurdy sesi gulaga ýakymly owaz bolup eşidildi.

– Uýam, ulalamsoň bu köýnegiňi maňa-da geýmäge berersiň gerek?

Uýasy jigisiniň gürrüňine mylaýym ýylgyryp, baş atdy.

Şol pursat içerik giren daýzasy:

– Ogi, sen bärdemidiň? Men saňa puňçitok ***(Puňçitok – maňyz we marmeladdan taýynlanýan süýjülik.)*** getirdim. Al, iý – diýdi. Puni uýasyndan öňürdip, ilki bolup elini uzatdy.

– Ýok, bolmaz. Bu uýaň durmuşa çykyp baran öýünde bagtly ýaşamagy üçin taýynlanýan ýörite süýjülik. Muny diňe uýaň iýmeli.

– Onda menem durmuşa çykjak! – diýip, Puni ýüzüni kürşertdi. Onuň açlykdan ýaňa içi eljuk diýýärdi. – Men heniz ertirligem edinemok.

Häzir ulularẏň hiç biri Puni bilen gyzyklanmaýardy. Egnindäki agyr suwly küýzäniň aşagynda ýegşerilip barýan daýysy: «Puni, ýykylarsyň. Bar, aňyrda oýna!» diýse, nahar üçin tüwi owradyp oturan doganoglany: «Puni, awunarsyň. Git-de, başga ýerde ot gorsa!» diýdi.

Hatda agajyň saýasynda dynç alyp oturan atasy hem:

– Puni, beýdip oturma. Bar, daşarda oýna! – diýip gatyrgandy. Soň welin oňa üns berenem bolmady.

Halys surnugyp, çeti gyzan Puni ahyrsoňy enesine arzyny aýtdy:

– Ene, men ajykdym!

– Waheý, ajykdyňmy, balam? – diýip, enesi oňa saçagyň üstündäki tagamlaryň hersinden bir gaba salyp berdi.

Puni begenip, nahar iýip otyrka, myhman daýzalaryň gürrüňini eşitdi.

– Oginiň beýle owadandygyny bilmeýärdim. Ýaňy çokdurini başyna geýdi welin, edil periň barda..

Puni assa basyp, uýasynyň otagyna girdi, emma o ýerde hiç kim ýokdy.

– Waý, men bulary öň görmändim-ä.

Uýasynyň otagy ýaňy getirilen gelşiklije zatlardan dos-doludy. Owadan al-ýaşyl köýnek, gül nagyşly aýakgap, çokduri, enaýyja milli saç bagy we gelin joraby… Puniniň aýratyn ünsüni çeken zat, lowurdap duran gelinlik çokduri boldy. Gyzjagaz çokdurini eline aldy-da:

– Hemmeler ber-başagaý. Muny alyp gitsemem, bilen bolmaz – diýip, ony köýneginiň içinde gizledi-de, uýasynyň otagyndan assyrynlyk bilen çykyp, küýze saklanýan jaýa tarap ylgap gitdi. Bu taýda Puniniň bukuja ýeri bardy. Ony gyzjagazdan başga hiç kim bilmeýärdi. Puni çokdurini çykaryp, ony başyna geýip gördi. Birdenkä uýasynyň:

– Puni sen nirede? – diýen sesi eşidildi. Gyzjagaz hasyr-husur çokdurini ýygşyryp, gizlenen ýerinden çykdy.

– Sen bärdemidiň asyl? Men seni gözläp ýördüm…

– Aý, içim gysansoň, ýeke özüm oýnap otyrdym – diýip, gyzjagaz göwünli-göwünsiz jogap gaýtardy.

– Şeýlemi? Onda gel, azajyk meniň bilenem oýnaý! – diýip, uýasy Puniniň elinden tutup, otagyna geldi.

– Al, bu saňa uýaňdan sowgat – diýip, ol Punä gyzjagazlaryň dakynýan owadanja gyzyl teňňini ***(Koreýada durmuşa çykmadyk gyzlaryň saçyna dakýan saçbagy.)*** uzatdy.

Puni uýasyna gözüni tegeläp seretdi.

– Sen beýle owadanja zady çyndanam maňa beräýjekmi?

– Hawa. Indi bu teňňiniň maňa asla geregi ýok.

– Näme üçin? Halaňokmy? – diýen Puniň bokurdagy doldy. Şol gün agşam onuň gözüne çiş kakylan ýaly boldy. Ol ahyrsoňy enesini oýardy:

– Ene, ertir uýam durmuşa çyksa, gaýdyp biziň bilen ýaşamazmy?

– Ýaşamaz…

– Durmuşa çyksa hiç haçan gelmezmi?

– …

Gyzjagazyň gözleri nemlendi. Ol ýassygyny gujaklap, ýuwaşlyk bilen uýasynyň otagyna bardy.

– Sen entegem oýamy? Gel, onda meniň ýanymdajyk ýataý – diýip, uýasy Punini gujagyna aldy. Ol hem jigisi ýaly uklap bilmedik borly.

– Puni, ýazda meýdana ot ýygmaga gidenimiz ýadyňa düşýärmi? Şonda aýagym agyrýar diýip köp aglapdyň. Aglajyk jigimi gaty göresim geler – diýip, ol gamlanyp gepledi.

Puniň ähli zat ýadyna düşýärdi, ýöne damagy dolup duransoň jogap gaýtarmady. Ahyrsoňy:

– Uýajygym, durmuşa çykmasaň bolmazmy? Eşikler bilen hamy yzyna gaýtarsak, bolany – diýen Puniniň gözlerinden ýaş damjalary syrygyp gaýtdy. Uýasy onuň gözýaşlaryny syldy-da:

– Janym sag bolsa, seni görmäge hökman gelerin – diýdi.

– Çynyňmy? Onda söz ber! Gel, külbike barmagymyzy birleşdireli.

Uýasy öz külbike barmagyny jigisiniňki bilen birleşdirip, söz berdi. Puni ertir säher bilen oýananda, uýasynyň düşeginiň eýýäm boşdugyny gördi. Ol tarsa ýerinden turagada, küýzeleriň arasynda gizläp goýan çokdurisini çykardy.

– Uýam çokdurisini tapmasa gynanar – diýip, gyzjagaz ony öňki ýerjagazynda goýdy.

Heniz toý başlamanka daş-töwerek myhmanlardan ýaňa hyryn-dykyndy. Ýüzi täsin suratly perdeler asylypdyr, naşyja stoluň üstünde owadan şemdanlar we gök-gyzyl gapda gyzardylan towuk goýlupdyr, sosna we bambuk agaçlary bolsa owadan küýzelere

geçirilipdir. Eginleri owadan toý lybasly, bezemen gelindir öýlenýän ýigit assa basyp geldiler. Ahyrsoňy toý dabarasy başlandy.

Gelniň gözelligi göz gamaşdyrýardy. Ot toplamaga gidenlerinde gören ne açyk gülgüne reňkli azaliýa güli, ne-de meýdanda ýetişýän owadan gyrmyzy güller gözellikde uýasy bilen bäsleşip biljekdi. Oturanlaryň ählisi Puniň uýasynyň tarypyny ýetirýärdiler:

– Asmandan inen peri mysaly.

Puni öz ýanyndan uýasyna guwanýardy. Ol gözjagazlaryny ýumup, durmuşa çykýan uýasynyň bagtly ýaşamagyny we özüni ýygy-ýygydan görmäge gelmegini arzuw etdi.

***Koreý dilinden terjime eden Aýjeren AMANIÝAZOWA***
***Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby***